# Sen bu jahan mülküni Kapdan Kaba tutduň, tut…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen bu jahan mülküni Kapdan Kaba tutduň, tut…



Sen bu jahan mülküni Kapdan Kaba tutduň, tut,
Ýa bu älem malyny oýnaýyban utduň, tut.
Süleýmanyň tagtyna şat olup, oturdyň bil,
Döwe, periýe düp-düz hökümleri etdiň, tut.

Pyrgawun hazynasyn Nowşirwan genji ile,
Karun malyna gatyp, sen malyňa gatdyň, tut.

Bu dünýä bir lukmadyr, agzyňda çeýnelmiş bil,
Çeýnemişe ne ýutmak, ha sen ony ýutduň, tut.

Ömrüň seniň ok kibi, ýaý içinde dop-doly,
Dolmuş oka ne durmak, ha sen ony atdyň, tut.

Her bir nepes kim geler, käseden ömür egsiler,

Çün käse ortalandy, sen ony tüketdiň, tut.

Çün deňze gark olduň, bogazyňa geldi suw,
Däli kibi talbynma, eý, biçäre, batdyň, tut.

Ýüz ýyllar hoşluk ile ömrüň olarsa, Ýunus,
Soň ujy bir nepesdir, geç ondan-da ötdüň, tut. Goşgular